# Täze ýylym

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Täze ýylym TÄZE ÝYLYM

Garaşýanmyz elmydama gowulyk,
Jan saglygy,
Başymyzyñ dikligi.
Söýýänimiz eziz myhman,
gowy gylyk.
Söýýäs sadalygy, göwni päkligi.
Garaşýar köp zada zähmetkeş ilim
Täze ýylym –
Juwan ýylym –
Now ýylym!

Goýny jennet.
Bahar-ýazly Diýarym,
Dünýämiñ daýançly merdiwanydyr.
Ol göýä älemde aýlanýan Ýeriñ
Merkezi okudyr, meridianydyr.

Galagop dünýäni betbagtlykdan
Gorar ol.
Goramak bagtdyr bagt.
Depesinde parlaýan al Baýdakdan,
Nur saçýar Moskwam –
Beýik paýtagt.

Onuñ kurantlarnyñ hoş owazyny,
Herdem
diñläp turmak arzuwym me iñ.
Täze ýyllañ täze aýdym-sazyny,
Mydam diñläp durmak arzuwym meniñ,
Aýagyñ düşümli,
Ak bolsun ýoluñ,
Täze ýylym –

Juwan ýylym –
Now ýylym!

Ilmyrat PUDAKOW.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 01.01.1987 ý. Goşgular